# Arslanyñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Arslanyñ ARSLANYŇ

*Mert bilen namardy görsem tanyr men…*
***Mämmetweli Kemine***

Obadaşym Arslan Amannyýazow üçin, menden ýadygärlik häsiýetnama

Gaýratly goç ýigit, batyr edermen,
Özüne-de laýyk, ady Arslanyň.
Aýtjagym bu, sözde hata gidermen,
Herhal-hergiz gaçmaz, bady Arslanyň.

Özboluşly kybap geler döwrüne,
Kümsükleriň sanjy salar böwrüne,
Şeýtan dostmuş, öz ýanyna öwrene,
Pursat bermän ýakar, ody Arslanyň.

Ruhy belent, garan wagty göz gülen,
Hiç gam çekmez, göwniň awlar söz bilen,
Gereklense, çak urşundan tiz gelen,
Duçar bolup, men şaýady Arslanyň.

Jomartdyr, ol eger gelse elinden,
Armaz-irmez, kömek eder halyndan,
Asyl ozal, özi razy ilinden,
Hoşal ondan, ýakyn-ýady Arslanyň.

Göz degmesin, gujuryna-gurbuna,
Güýç gatylsyn, dogumyna durkuna,
Akyl-huşun zyýat etsin erkine,
«Şahandazlyk» göwün şady Arslanyň.

Görk goşulsyn, gözlerine-gaşyna,
Ömri ýetsin, Göroglynyň ýaşyna,

Müşgil bir iş düşmäwersin başyna,
Bir Alladyr, umyt-dady Arslanyň.

Elmisakda Alla nazar salandyr,
Soňy haýyr, indi özi bilendir,
Illi sözlär ýöne, dile gelendir,
Bize derkar däldir, zady Arslanyň. Goşgular